**Daşoguz welaýat maliýe ykdysady orta hünär okuw mekdebi**
**Dersiň ady: Ykdysady meýilnamalaşdyryş we çaklaýyş**
**Mugallym: Maral Hojamedowa**

## 2 – nji Tema. Döwletiň eýeçilik gatnaşyklaryny we telekeçiligi düzgünleşdirişi.

**Sapagyň maksady:** Eýeçiligiň görnüşleri we olara häsiýetnamalar. Hususylaşdyrmak we onuň usullaryny. Telekeçilik we onuň ösüşiniň esasy ugurlaryny talyplara düşündirmek.
**Enjamlaşdyrylyşy:** tema boýunça prezentasiýa.

**( 2 sagatlyk )**
Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Eýeçiligiň görnüşleri we olara häsiýetnamalar.
2. Hususylaşdyrmak we onuň usullary.
3. Telekeçilik we onuň ösüşiniň esasy ugurlary.

### 1. Eýeçiligiň görnüşleri we olara häsiýetnamalar.

Bazar gatnaşyklary eýeçiligiň her-hili görnüşlerdäki kärhanalaryň we guramalaryň hereket etmegini göz öňünde tutýar. Paýdarlar, kärende, hususy we döwlet eýeçiligindäki, şeýle hem garyşyk eýeçiligindäki kärhanalar bazardaky bäsdeşlik göreşe deň esaslarda gatnaşýarlar.

**Eýeçilik** – munuň özi maddy nygmatlara eýe bolmak boýunça adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň görnüşidir (formasydyr). Oňa aýratynam önümçilik serişdelerine we faktorlaryna eýe bolmak degişlidir. Eýeçiligiň görnüşi maddy nygmatlaryň paýlanyşynyň, alyş-çalyşynyň, sarp edilişiniň usullaryny kesgitleýär. Şeýle işler kesgitli toparyň, synpyň haýryna bolup biler.

Ykdysadyýetiň hususy sektoryndaky kärhanalar biri-birinden şu faktorlar bilen tapawutlanýarlar:

* kärhananyň eýesiniň bir ýa-da birnäçe adamyň bolmagy bilen;
* kärhananyň işine jogapkärligi bilen;
* kärhananyň umumy kapitalyna, özbaşdak kapitallaryň birleşişiniň usullary bilen.

Her bir eýeçiligiň görnüşi kesgitli ykdysady sfera, şeýle hem ýurtdaky ykdysady işleriň spesifiki görnüşlerine özüçe uýgunlaşýar. Sebäbi bazarda önümçilik we täjirçilik işleriň erkinligi, öndürijileriň özara bäsdeşligi göz öňünde tutulýar. Şeýle ýagdaýda, haýsam bolsa bir eýeçiligiň hojaýynlygy ýurtdaky ykdysady ulgamda aradan aýrylýar.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe iň bir esasy ugurlarynyň biri hem döwlet eýeçiligindäki önümçilik serişdelerini hususylaşdyrmak bolup durýar.

### 2. Hususylaşdyrmak we onuň usullary.

Ykdysadyýetiň buýruk ulgamynda ähli eýeçilik tutuş diýen ýaly jemgyýetçilik eýeçiligi ady bilen döwlet eýeçiligindedi. Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagy bilen biziň döwletimiz hem dünýä döwletleriniň ykdysady ösüşiniň naýbaşy taraplaryny ulanyp başlady. Şeýle ykdysady ösüşuň esasy ugurlarynyň biri ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklary ulgamydyr. Onda eýeçiligiň ähli görnüşleriniň bolmagy tebigydyr. Onuň üçin Türkmenistandaky bar bolan döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we guramalary

döwletden aýyrmak syýasaty ýöredilip başlandy. Şeýle işlere umumylykda **h u s u s y l a ş d y r m a k** diýlip atlandyrylýar hem-de hojalygy döwlet tarapyndan dolandyryşynyň funksiýasy üýtgeýär. Kärhanalar hususylaşdyrylanda, ony dolandyrmagyň döwletdäki funksiýasy dolulygyna täze eýesine geçýär hem-de ol hojalyk subýekti doly özbaşdaklyga we jogapkärlige eýe bolýar.

Hususylaşdyrmak arkaly bazarda döwlet eýeçiliginiň doly monopoliýasyny ýuwaş-ýuwaşdan aradan aýyryp bolar.

Hususylaşdyrmak işi her bir döwletde onuň ykdysadyýetiniň spesifikasyna hem-de ýurtda kabul edilen kanunlara bagly bolup durýar. Ol proses örän çylşyrymly bolup, döwürleýin ol iş täzeden seredilip degiş bilen üpjünçilikde üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilip durulýar.

Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň saýlanyp alnan usullary, ol kärhanalaryň haýsy pudaga degişlidigi, ondaky işleýän işgärleriň sany, kärhanalaryň esasy fondlarynyň balans nyrhy ýaly kriteriýalardyr. Mysal üçin, durmuş hyzmatlary kärhanalaryň we edaralaryň hususylaşdyrylmagy ýurtda 1998-nji ýylyň başyna doly tamamlandy. Häzirki wagtda söwda edaralarynyň we kärhanalarynyň hususylaşdyrmasy dowam edýär.

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga görä, hususylaşdyrmanyň şu usullary bardyr:

* kärhanalary paýdarlar jemgyýetçiligine öwürmek hem-de onuň kapitalyndaky bölegi (Paýnamalary) satmak;
* satyn alyp bilmek hukugy bilen kärendä berlen kärhanalaryň zatlaryny satmak;
* kärhanalary auksionlarda satmak;
* kärhanalary mugtuna bermek.

Hususylaşdyrmagyň aksionirlemek usuly hususylaşdyrylýan kärhananyň zähmet kollektiwine ýeňillikler bermek arkaly aşakdaky üç wariantda amala aşyrylyp bilner:

**I.** Kärhananyň ustaw kapitaly aksionirlenilende Paýnamalara bölünýär.

**Paýnama** – munuň özi gymmatly kagyz bolup, ol paýdarlar jemgyýetiň maýasyna belli bir möçberdäki paý – goşant goşandygyna şaýatlyk edýändir. Goşan paýyna görä-de jemgyýetiň görjek peýdasyndan öz girdejiňi diwident görnüşinde alýarsyň.

Paýnamanyň ýüzündäki görkezilen puluň möçberi (jemi) Paýnamanyň nominal (pes) bahasy hasaplanylýar, onuň bazarda satylýan nyrhy bolsa, Paýnamanyň kursydyr. Ol kärhananyň öz hojalyk işlerini alyp barşyna we ýyllyk girdejisine bagly bolýar.

Dünýä praktikasynda kärhana aksionirlenenden soň birinji usulda, onuň zähmet kollektiwine birbada hem-de mugt ustaw kapitalyň 25 %, ses berilmeýän atlandyrylan Paýnamalar berilýär. Onuň 10 % ustaw kapitalyň Paýnamalaryna çenli bölegi, Paýnamanyň nominal bahasyna 30 % geçirimlilik edip zähmet kollektiwine ýazylmak arkaly adaty Paýnamalar satylýar.

Paýdarlar jemgyýetiň jogapkär işgärlerine /ýolbaşça, onuň orunbasarlaryna, baş inženere we baş buhgaltere/ ustaw kapitalyň 5% möçberine çenli adaty Paýnamalary nominal nyrhdan satyn almaga hukuk berilýär.

**II.** Aksionirlemek arkaly hususylaşdyrmagyň bu usulynda kärhananyň ustaw kapitalynyň adaty /ses berilýän/ paýnamalarynyň 51% çenlisi kärhananyň zähmet kollektiwiniň agzalaryna almaga hukuk berilýär. Bu ýagdaýda Paýnamalary mugt bermek hem-de ýeňillikli şertlerde satmak amala aşyrylmaýar.

**III.** Eger kärhananyň kollektiwi hususylaşdyrmak meýilnamasyny ýerine ýetirmek islegini bildirse hem-de onuň dolandyryşynda batmaklyga ýol berilmese, onda zähmet kollektiwiniň ýygnagynyň netijesi esasynda bir ýyla çenli ony dolandyrmaklyga şertnama baglaşylýar. Şeýle edilse şertnamada görkezilen möhlet gutaranda, kollektiwiniň

agzalaryna ustaw kapitalyň 20% adaty Paýnamalaryna nominal bahadan almaklyga hukuk (opsion) berilýär.

Ýokardaky hususylaşdyrmak usullarynda hususylaşdyrýan kärhanalaryň adaty Paýnamalaryň ep-esli bölegi döwletiň eýeçiliginde galdy, şonuň üçinem olar garyşyk eýeçiligine geçdi hasaplanylýar. Öňki sosialistik döwletlerde, şol sanda Russiýa Federasiýasynda hususylaşdyrmak **ç e k l e r i** (wauçerleri) deň derejede mugt paýlamak arkaly, hususylaşdyrmagyň birinji tapgyryna gatnaşdyryldy.

Çek bilen hususylaşdyrmak paýdarlar jemgyýetleriniň emele gelmegi bilen, Paýnamalaryň emissiýa we olaryň deslapky bazarda ýerleşdirilmegi bilen tamamlanylýar.

Hususylaşdyrmagyň birinji tapgyry, çekleri mugtuna bermek we Paýnamalary ýeňilleşdirip satmak arkaly ýerine ýetirilen bolsa, onuň **i k i n j i** tapgyry Paýnamalary satmak arkaly ýerine ýetirilýär. Bu ýerde Paýnamalary satmagyň her hili wariýantlary göz öňünde tutylýar, mysal üçin:

* Paýnamalary auksiýonda satmak;
* Paýnamalaryň paketini girewe we ynançly dolandyryşa bermek;
* Döwlet eýeçiligindäki Paýnamalaryň paketleri boşadylanda öndürilen gymmatly kagyzlary we konwertlenýän obligasiýalary peýdalanmak.

Hususylaşdyrmagyň gutarýan tapgyrynda döwletden eýeçiligi aýyrmakda uly paýdarlar kompaniýalar emele gelýär, paýdarlar jemgyýetler kapital toplamagy amala aşyrýarlar, gymmatly kagyzlaryň bazary intensiw ösüşde bolýar.

Türkmenistanda hususylaşdyrmak işi, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanan döwlet maksatnamasy esasynda amala aşyrylýar. Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak alnyp barylýan ykdysady reformanyň bölünmez bir bölegi bolup durýar.

Onuň esasynda bolsa hojalygy ýöredýän subýektleriň hojalyk özbaşdaklygynyň ösdürilmegi şertlerinde döwlet gurluşyny pugtalandyrmak ýörelgesi durýar.

Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň esasy maksady – durmuş maksatlara gönükdirilen bazar ykdysadyýetini we bazar gatnaşyklaryny döretmäge ýardam berjek hususyýetçiler synpyny döretmekden ybaratdyr.

Ýurtda hususylaşdyrmagyň maksatnamasyny durmuşa geçirmeklik aşakdaky döwlet derejesindäki meseleleriň çözülmegini aňladýar:

* Döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we obýektleri hususylaşdyrmagy amala aşyrmak arkaly bazar-maksatlara gönükdirilen hojalyk düzümsyny tizleşdirilen ýagdaýda emele getirmek;
* Hususylaşdyrlan kärhanalaryň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak;
* bäsdeşlik ýagdaýyny döretmek we önümçilikde bir tarapyň agdyklyk edýän ýagdaýyny aradan aýyrmagy üpjün etmeklik;
* özüni ödemeýän kärhanalary we obýektleri döwletiň boýnundan aýyrmak;
* kiçi we orta biznesi ösdürmek;
* Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet kärhanalarynyň emlägini (gymmatly kagyzlaryny) satyn almagy;
* Býujetiň girdejileriniň artdyrylmagy.

Türkmenistanda hususylaşdyrmak prosesini tapgyrlaýyn ýerine ýetirmeklik göz öňünde tutulandyr.

Birinji tapgyrda, ilata durmuş hyzmatlaryny edýän, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryny we obýektlerini, halkyň sarp edýän harytlaryny goýberýän we gurluşyk materiýallarynyň senagaty, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän, gurluşyk we

awtomobil transporty kärhanalaryny, işi togtadylan /konserwirlenen/ obýektleri we gurulyp gutarylmaly normatiw möhletleri geçip giden gurluşyk obýektlerini, daşary ýurtly maýa goýujylaryň /maýadarlaryň/ we firmalaryň gatnaşmagynda gurulýan obýektleri hususylaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Ikinji tapgyrda, iri senagat, gurluşyk, ulag, şonuň ýaly-da halk hojalygynyň beýleki pudaklaryny-da hususylaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Hususylaşdyrmagyň bu tapgyry paýdarlar jemgyýetleri, kompaniýalary, maýa goýum fondlaryny, gymmatly kagyzlaryň fondlaryny döretmek bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda aýratyn möhüm kärhanalaryň we obýektleriň hususylaşdyrylmagy ýokarky maksatnama görä, Türkmenistanyň Ministirler kabinetiniň karary bilen amala aşyrylýar. Olara maksatnamada şular degişli edilendir:

* Raýat goranyşa we mobilizasiýa geçirmäge degişli obýektler;
* Çörek önümleri kombinaty, galla kabul ediji kärhanalar, sowadyjylar, döwlet rezerwlerini hemişe ýerleşdirmegi we mobilizasiýa zapaslaryny saklamagy üpjün edýän sklad hojalygynyň obýektleri;
* Spirtli, likýor-arak, çakyr önümlerini öndürýän obýektler we kärhanalar;
* Daşary ýurtly maýadarlaryň (maýadarlaryň) gatnaşmagynda gurulýan we täzeden işe girizilýän kärhanalar, obýektler;
* Nebit we gaz çykarylyp gutarylan ýerlerdäki skwažinalar;
* Daşary söwda birleşikleri;
* Täjirçilik banklary;
* Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, pudaklaýyn akademiýalaryň, pudaklaýyn ministrlikleriň ylmy-barlag, taslama, proýek-gözleg we beýleki obýektleri, kärhanalary we edaralary;
* Poligrafiýa kärhanalary we neşirýatlar;
* Döwlet sanatoriýa-şypa hojalygynyň obýektleri we edaralary;
* Ähli derejelerdäki býujetleriň hasabyna maliýeleşdirmeklik amala aşyrylýan edaralar.

Maksatnama görä, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministirliginiň çözgütleri esasynda hususylaşdyrmak amala aşyrylýan kärhanalar we obýektler aşakdakylardyr:

* Gurluşyk materiýallaryny we konstruksiýalary öndürýän gurluşyk guramalary we kärhanalary;
* Iýmit we gaytadan işleýän senagatyň kärhanalary;
* Ýeňil senagatyň kärhanalary;
* Köpçülik bolup peýdalanylýan awtomobil tranporty;
* Milli çeper hünärmentçilik kärhanalary;
* Konserwirlenen obýektler we gutarylman goýlan gurluşyk obýektleri;
* Maksatnamanyň ýokarda görkezilen bölümlerine girizilmedik beýleki kärhanalar.

Türkmenistanyň çägindäki döwlet eýeçiligindäki zatlary hususylaşdyrmagy Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, onuň ýerli edaralary, ministrlikleriň, wedomstwolaryň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň gatnaşmagynda amala aşyrýar. Şeýle hem, emläge baha kesmek boýunça taýýarlyk işlerini we hususylaşdyrmak üçin resminamalary taýýarlamagy Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, hususylaşdyrýan döwlet kärhanalary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleri alyp barýarlar.

Türkmenistanda hususylaşdyrmak kabul edilen maksatnama görä aşakdaky görnüşleri bardyr:

* Döwlet eýeçiligindäki obýektleri kärendesine bermek, soňra ony satyn almak hukugyny bermek bilen;
* Zähmet kollektiwiniň agzalary tarapyndan döwlet emlägini satyn almak ýoly bilen döwlet eçiligini köpçülikleýin eýeçilige öwürmek;
* Döwlet eýeçiligindäki öbýektleri raýatlaryň, döwletiňki bolmadyk ýuridik taraplaryň eýeçiligine satmak (bäsleşik boýunça, auksionda);
* Döwlet kärhanasyna paýdarlar jemgyýete öwürmek.

Ýurtda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmagyň görnüşi Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

Türkmenistanda, geçiş döwrüniň şertlerinde üýtgedilýän kärhanalaryň Paýnamalarynyň (düzgün boýunça 51% çenli) gözegçilik paketini döwlet özünde saklaýar. Bazar sredasynyň ösüşiniň we bazar düzgünleriniň kabul edip bilişiniň derejesine görä, döwlet ýuridik we fiziki taraplara Paýnamalary satmagy kem-kemden amala aşyrýar.

Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň pudaklaýyn aýratynlyklary bardyr. Maksatnama görä, oba hojalygynda hususylaşdyrmak işleri ýer hakyndaky kodekse, eýeçilik hakyndaky, hususylaşdyrmak baradaky, kärendeçilik hakyndaky, daýhan hojalygy hakyndaky,paýdarlar jemgyýetleri we beýlekiler hakyndaky kanunlara, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň oba hojalyk kärhanalaryna we guramalaryna üýtgedip gurmak baradaky çykarýan permanlaryna we kararlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Oba hojalyk kärhanalary kollektiw kärhanalaryna, kooperatiwlere, paýdarlar jemgyýetlerine we şereketlerine, daýhan hojalyklaryna, bilelikdäki we oba hojalyk önümçiligini alyp barýan, şeýle hem agroserwisler, enjamlar bilen üpjün edýär, gaýtadan işläp bejerýän we satýan, ýerleşdirýän kärhanalara öwrülip bilerler.

Türkmenistanda döwlet hususylaşdyrmak prosesini adalatly amala aşyrmakda kepil bolup çykyş edýär, emläge öz eýeçiligine alamaga we olary zähmet kollektiwleriniň Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda peýdalanmaga höwes döredýär.

Daşary ýurtly ýuridik we fiziki taraplar Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň ähli görnüşlerine gatnaşyp bilerler. Olaryň işleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunlary, hökümetara şertnamalar we ylalaşyklar arkaly düzgünleşdirilýär.

**3. Telekeçilik we onuň ösüşiniň esasy ugurlary.**

Türkmenistanda telekeçilik işi Mejlis tarapyndan kabul edilen we Prezident tarapyndan gol çekilen kanuna görä alnyp barylýar. Telekeçiligiň subýekti bolup, ol kanuna görä, Türkmenistanyň hem-de daşary ýurt döwletleriň fiziki we ýuridiki taraplary, şeýle hem Türkmenistanda raýatlygy bolmadyk adamlar çykyş edip bilerler.

Türkmenistanda telekeçilik işiň aşakdaky görnüşleri hereket edýärler:

* Hakyna tutma zähmeti ulanmazdan we ýuridiki tarapy döretmezden;
* Hakyna tutma zähmeti ulanmak we ýuridiki tarapy döretmek arkaly.

Telekeçilik Türkmenistanda döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýär. Döwlet islendik eýeçilikli kärhanalaryň arasyndaky erkin basdeşligi üpjün edýär, telekeçilik işiň islendik ugrunda betniýet bäsdeşlik etmeginden we ýekemenleşmek /monopoliýalaşdyrmak/ halatlardan telekeçileri goraýar.

Döwlet dolandyryş edaralary telekeçiler bilen öz gatnaşygyny şu aşakdakylary ulanmak esasynda guraýar:

* salgyt we maliýe-karz syýasatyny, şol sanda döwlet karzlary boýunça salgytlaryň we göterimleriň stawkalaryny, salgyt baradaky eňillikeri, nyrhlary we nyrh çykarmak kadalaryny, belli maksat üçin berilýän dotasiýalary (etneleri) we subsidiýalary, ykdysady çäreleriň (sanksiýalaryň) möçberlerini bellemegi;
* döwlet emlägini we rezerwler ulgamyny, rugsatnamalary, konsessiýalary, lizingleri, sosiýal, ykdysady hem-de beýleki normalary we normatiwleti;
* daşary ykdysady, walýuta syýasatyny;
* döwlet buýurmalaryny;
* ylmy-tehniki, döwlet sosiýal we sebitleýin programmalary.

Türkmenistanda telekeçilik işleriniň geljeginiň esasy ugurlaryny uly guramaçylykly-hojalyk düzümlaryny döretmek hem-de kiçi biznesi ösdürmek arkaly bolar. Uly hojalykly-guramaçylyk düzümlerine hususylaşdyrylan eýeçilikli maliýe-toparlary degişli bolup, olar daşary ýurtlaryň, şeýle toparlary bilen doly bäsleşip bilmegidir. Şeýle toparlar döwlet edaralary bilen jebisleşikli işleşip, olary ykdysadyýetiň milli aýratynlygyny göz öňünde tutyp, onuň bähbidini goramalydyr.

Şol bir wagtda Türkmenistan telekeçileriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirýär, olara bäsdeşligi üçin şert döredýär, maddy, maliýe, zähmet, maglumat, tebigy resurslar we gaýry resurslar elýeterli bolar ýaly olara goldaw hem deň mümkinçilikler berýär.

Türkmenistan emlägiň eldegrilmesizligini kepillendirýär we telekeçiniň eýeçilik hukugynyň goralmagyny üpjün edýär.

Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen esaslardan hem-de ýokarda görkezilen edaralaryň ygtyýarlarynyň çäklerinden daşgary, telekeçileriň işine döwlet edaralarynyň ýa-da başga edaralaryň ýa-da olaryň wezipeli adamlarynyň gatnaşmagyna ýol berilmeýär.

Türkmenistanda kiçi biznesi ösdürmäge döwlet tarapyndan has köp üns berilýär, oňa maşgala biznesi hem degişlidir. Onuň ösdürilmegi Türkmenistandaky ýaşaýan işe ýarawly raýatlaryň iş bilen üpjünçiligine belli bir derejede ýardam etmelidir.

**“ Döwletiň eýeçilik gatnaşyklaryny we telekeçiligi düzgünleşdirişi” atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar**

1. Hususylaşdyrmak işi her bir döwletde onuň haýsy kanunlara bagly bolup durýar?
2. Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga görä, hususylaşdyrmanyň nähili usullary bardyr?
3. Paýnamalary satmagyň her hili wariýantlary göz öňünde tutylýar, mysal üçin?
4. Türkmenistanda telekeçilik işiň haýsy görnüşleri hereket edýärler?
5. Türkmenistanda hususylaşdyrmak kabul edilen maksatnama görä nähili görnüşleri bardyr?